Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministriniň
2025-nji ýylyň 14-nji fewralynda çykaran 29-Ö belgili
**B U Ý R U G Y**

**«Ekologiýa taýdan howply işleriň görnüşlerini we ekologiýa taýdan howply obýektleriň Sanawyny tassyklamak hakynda»**

2019-njy ýylyň 2-nji martynda kabul edilen «Ekologiýa auditi hakynda» Türkmenistanyň Kanunynyň 11-nji maddasynyň 4-nji bendine laýyklykda, **buýurýaryn**:

1. Ekologiýa taýdan howply işleriň görnüşlerini we ekologiýa taýdan howply obýektleriň Sanawyny tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň ýerine ýetirilişine ministriň orunbasary N.Jumaşow gözegçilik etmeli.

**Ministr** **Ç.Babanyýazow**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy
goramak ministriniň
2025-nji ýylyň 14-nji fewralynda
çykaran 29-Ö belgili buýrugy bilen
tassyklanyldy

**Ekologiýa taýdan howply işleriň görnüşleri we ekologiýa taýdan howply obýektleriň Sanawy**

Ekologiýa taýdan howply işlere we ekologiýa taýdan howply obýektlere şular degişlidir:

1) nebiti we gazy çykarmak;

2) nebiti we gazy gaýtadan işlemek (çig nebitden çalgy ýagyny öndürýän kärhanalar muňa degişli däldir);

3) himiýa we nebithimiýa önümçilikleri;

4) nebit önümleriniň saklanýan ammarlary (nebit bazalary, terminallar, ýangyç guýujy beketler), şol sanda: nebit, nebithimiýa ýa-da himiýa önümlerini, şeýle hem tebigy gazy ýerasty saklamak;

5) nebithimiýa we himiýa önümlerini, nebiti we gazy daşamak üçin esasy (magistral) turbageçirijileri hem-de gaz gysyjy beketleri gurmak we ulanmak, ulaglaryň ähli görnüşleri bilen suwuklandyrylan gazy daşamak, şol sanda: diametri 800 millimetrden gowrak we (ýa-da) uzynlygy 40 kilometrden gowrak bolan gaz, nebit ýa-da himiki serişdeleri daşamak üçin turbageçirijileriň ulanyşy boýunça iş;

6) ýylylyk, gazturbina we suw elektrik beketlerini gurmak we ulanmak, şol sanda 300 megawatt ýa-da ondanam köp ýylylyk öndürýän beýleki ýangyç senagat kärhanalarynyň işi;

7) metallurgiýa, maşyngurluşyk önümçiligi, şol sanda:

a) demriň we poladyň ilkibaşda eredilmegi boýunça iş;

b) magdanlardan, konsentratlardan ýa-da ikinji derejeli çig mallardan metal, himiki ýa-da elektrolitiki proseslerden deoksidlenmedik reňkli metallary öndürmek boýunça iş;

8) magdanlary (demir, ýarym metallar, gurşun, fosforitler, apatitler, gymmat bahaly metallar, dag magdanlary) gazyp almak, şol sanda:

a) meýdany 25 gektardan köp bolan ýerasty baýlyklary çykarmak üçin känleriň işi;

b) meýdany 25 gektardan köp bolan dag-magdan gazylarynyň işi;

ç) düzüminde howply galyndylar bolan dag-magdan galyndylaryny ýygnamak we saklamak boýunça iş;

d) dag-magdan senagatynyň galyndylaryny peýdalanmak we baýlaşdyrmak boýunça iş;

9) zyýanly maddalar bilen baglanyşykly senagat we gurluşyk önümçiligi (sement, sellýuloza we kagyz, pagtany ilkinji gezek gaýtadan işlemek);

10) zyýanly maddalar bilen baglanyşykly dokma senagat önümçilikleri (boýag we himiki serişdeler bilen bagly işler);

11) deňiz we söwda menzilleri, gämi we kenarýaka desgalaryň gurluşygy we olary abatlamak boýunça iş;

12) zir-zibilleri gaýtadan işlemek, galyndylary ýakmak, gömmek arkaly aýyrmak, himiki taýdan gaýtadan işlemek boýunça iş;

13) howply galyndylary (simap saklaýjy çyralar, öň ulanylan ulag serişdeleriniň tekerleri, akkumulýatorlar, çalgy ýaglary we beýlekiler) gaýtadan işlemek, şol sanda zyýansyzlandyrmak, ýok etmek, gömmek boýunça iş;

14) hojalyk galyndylarynyň we howply galyndylaryň, radioaktiw we radioaktiw däl önümçilikleriň gömülýän ýerlerini (poligonlar we beýleki ýöriteleşdirilen ýerler) gurmak we ulanmak boýunça iş;

15) howply galyndylary, radioaktiw we himiki serişdeleri serhetüsti daşamak;

16) gidrotehniki desgalary (iri bentleri we howdanlary) gurmak we ulanmak, şeýle hem, suw desgalarynyň hapalanmagyna sebäp bolýan:

a) howply himiki we biologiki maddalary we radioaktiw materiallary önümçilik maksatly ulanýan kärhanalaryň we desgalaryň işi;

b) akdyrylýan hapa suwlary arassalaýan desgalaryň işi;

ç) suwuň hiliniň fiziki, himiki, biologiki we zäherli himikatlary döredip biljek ýangyç-çalgy materiallarynyň, mineral we organiki dökünleriň, haýwanlaryň ders ammarlarynyň, mal gonamçylyklarynyň, maldarçylyk we guşçuluk fermalarynyň işi;

d) suwuň hiliniň fiziki, himiki, biologiki we zäherli himikatlar bilen hapalanmagyny döredip biljek dürli häsiýetli dökünleri we pestisidleri (awuly himikatlary) ulanmak boýunça işler;

17) mikrobiologiýa we biotehnologiýa önümçiligi boýunça iş, şol sanda mikrobiologiýa önümçiligi bilen baglanyşykly mikroorganizmleriň dolandyrylyşy we zyýansyzlandyrylmagy boýunça we genetiki taýdan üýtgedilen organizmleri öndürmek boýunça iş;

18) süzüji meýdanlary, suwaryş, bugardyjy, biologiki howdanlary ulanmak boýunça iş;

19) lagym suwlaryny arassalaýjy desgalary ulanmak (ilaty 50 000 adamdan köp bolan ilatly ýerler üçin) boýunça işler;

20) pestisidleriň (awuly himikatlaryň) saklanýan ýöriteleşdirilen uly ammarlaryny ulanmak boýunça iş;

21) atmosfera howasyna we Ýeriň ozon gatlagyna täsiri boýunça ekologiýa taýdan howply işler we ekologiýa taýdan howply obýektler, şol sanda:

a) ozon dargadyjy maddalaryň we olary özünde saklaýan önümleriň eksporty we importy bilen bagly iş;

b) ozon dargadyjy maddalary ulanmak, ozon dargadyjy maddalary özünde saklaýan enjamlary abatlamak, oturtmak, daşamak, saklamak, dikeltmek, ozon dargadyjy maddalary ýok etmek boýunça iş;

22) ýokary tizlikli awtoulag ýollarynyň, uzak aralyk (500 km-den ýokary) demir ýollarynyň we uçuş-gonuş zolaklarynyň gurluşygy we olary ulanmak boýunça iş;

23) ýangyn howply, zäherleýji, ýeňil ýanýan, partlaýjy we beýleki howply maddalaryň saklanylýan ammarlary, şol sanda spirtli içgileriň saklanylýan ammarlary.

**Bellikler**:

1. Ekologiýa taýdan howply iş – bu işiň gidiş döwründe tebigy we tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň bolmagy mümkin bolan hojalyk we beýleki işiň ýerine ýetirilmegi daşky gurşawyň heläkçilikli ýagdaýda hapalanmagyna, ilatyň durmuşynyň we saglygynyň goraglylygyna, daşky gurşawa uzak wagtyň dowamynda täsirini ýetirýän zyýanyň (zeleliň) ýetirilmegine getirýän iş.

2. Ekologiýa taýdan howply obýekt – bu hojalyk we beýleki işiniň görnüşi, hili we netijeleri daşky gurşawyň heläkçilikli ýagdaýda hapalanmagyna, tehnogen häsiýetli adatdan daşary ýagdaýlaryň ýüze çykmagyna, heläkçilikleriň bolmagyna, ilatyň durmuşynyň we saglygynyň goraglylygyna we (ýa-da) daşky gurşawa zyýanyň (zeleliň) ýetirilmegine getirip biljek obýektler.

Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan
2025-nji ýylyň 26-njy martynda 1871 bellige
alyş belgisi bilen döwlet belligine alnan.